**Türkmenistanyň “Türkmenbaşy” döwlet täjirçilik bankynyň Sylaglandyrmak Maksatnamasyna (cash back) gatnaşmagynyň DÜZGÜNLERI**

**Sylaglandyrmak Maksatnamasyna gatnaşmagyň şu Düzgünleri** Türkmenistanyň “Türkmenbaşy” döwlet täjirçilik bankynyň bank kartlaryny goýbermegiň we olara hyzmat etmegiň Şertlerine goşulan fiziki şahslar üçin **bank** kartlaryna hyzmat edilende Taraplaryň özara gatnaşygynyň we hasaplaşyklaryň **goşmaça tertibini** beýan edýär.

## 1. ESASY ADALGALAR WE KESGITLEMELER

Şu Düzgünlerde şu aşakdaky adalgalar we kesgitlemeler ulanylýar.

**Töleg ulgamy** - töleg kartlary arkaly geçirilýän amallara gatnaşyjylaryň hem-de töleg kartlary çykarylanda, olar boýunça hyzmatlar edilende we olar ulanylýan amallar boýunça hasaplaşyklar geçirilende şol gatnaşyjylaryň arasynda döreýän gatnaşyklaryň jemi toplumy. Bir töleg ulgamyna degişli töleg kartlarynda tapawutlandyryjy nyşanlar (haryt belgileri, hyzmat belgileri, kartyň nomeriniň bir bölegi) bolmaly, olar şol kartlaryň hut şol töleg ulgamyna degişlidigine göz ýetirmäge mümkinçilik bermeli.

**Bank karty -** onu saklaýja bank hasaby boýunça amallary birnäçe gezek geçirmäge, şol sanda nagt däl hasaplaşyklary geçirmäge we hasapdan degişli pul möçberlerini almaga mümkinçiligi üpjün edýän töleg karty. Bank kartyny saklaýjynyň bank hasaby boýunça geçirmäge hukugy bolan amallarynyň görnüşleri bank kartyny saklaýjy bilen kartyň emitentiniň arasyndaky şertnamada bellenilýär;

**Kart önümi –** bank tarapyndan bellenen nyrhnamalara laýyklykda kartyň Saklaýjysyna berilýän hyzmatlaryň bukjasy.

**Emitent şertnama (mundan beýläk şertnama) –** Bank kartyny saklaýjynyň bank hasaby boýunça geçirmäge hukugy bolan amallarynyň görnüşleri bank kartyny saklaýjy bilen kartyň emitentiniň arasyndaky şertnamada bellenilýär.

**Müşderi (Karty Saklaýjy)** – Bank bilen kart önümini ulanmak hakynda şertnamany baglaşan fiziki şahs.

**Taraplar** – Bank we Müşderi (Karty Saklaýjy).

**SHEK (Söwda hyzmat ediş kärhanasy)** – ekwaýer bilen şertnamanyň esasynda bank kartyny ulanmak bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satylyşyny amala aşyrýan ýuridiki şahslar we ýuridiki şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşhullanýan fiziki şahslar – hususy telekeçiler.

**Sylaglandyrmak Maksatnamasy (cash back)** – munuň özi şu aşakdaky çäreleriň toplumydyr:

- Kart Saklaýjylaryny Karty ulanmak arkaly SHEK-den harytlary we hyzmatlary satyn almaklyga höweslendirmäge gönükdirilen çäreler;

- Kartlar boýunça pul serişdeleriniň dolanyşygyny ösdürmegi hem-de Müşderileriň

Hasaplarda saklaýan pul serişdeleriniň galyndylaryny artdyrmagy maksat edinýän çäreler;

- Bankyň kart önümleriniň sarp edijilerini artdyrmaga ýardam edýän çäreler.

**Sylaglandyrmak (cash back)** – şu Düzgünlere we Bank Nyrhnamalaryna laýyklykda SHEK-de Bankyň kartlaryny ulanmak arkaly harytlaryň we hyzmatlaryň töleg amallary üçin Müşderiniň Hasabyna tölenýän sylag.

**Töleg limiti** – Müşderiniň karty ulanmak arkaly amallary amala aşyrmagynyň çägini belleýän pul serişdeleriniň möçberi (türkmen manadynda)

**Hasabat döwri** – Karty Saklaýjynyň Karty ulanmak arkaly SHEK-de harytlary we hyzmatlary satyn almakda hasaplaşyklary amala aşyran senenama aýy.

**MCC kody** (**Merchant Category Code** — sözme-söz aýdylanda "satyjynyň toparynyň kody") - harytlaryň we hyzmatlaryň bank kartlary arkaly nagt däl tölegi geçirilende SHEK-nyň iş görnüşini aňladýan, dört sandan ybarat belgisi. SHEK - harytlaryň we hyzmatlaryň Üpjün edijisi öz işiniň häsiýeti barada maglumatlary banka öňünden berýär. Eger iş görnüşleri birnäçe bolsa, onda kod esasy iş görnüşi boýunça berilýär.

**Awtorizasiýa (ygtyýarlandyrma)** – Bank tarapyndan kart boýunça amaly ýerine ýetirmek üçin berilýän rugsat, munuň özi kartyň töleg limitiniň çäginde şular ýaly amal boýunça hasaplaşyklary geçirmegi üçin Bankyň üstüne borçnamany ýükleýär.

**Böwetleme (blokirleme)** – kart boýunça amallaryň ygtyýarlandyrylmagynyň geçirilmegine ýörite tehniki gadaganlyk. Kart ynamdan düşen halatlarynda ol Bankyň başlangyjy boýunça böwetlenýär.

**Kartyň ynamdan düşmegi** – karty saklaýjyda bank kartynyň rekwizitleriniň (kartyň belgisiniň, bankyň hereket edýän möhletiniň) başga şahsa mälim bolandygy barada esaslaryň döremegi.

**Kart boýunça amal –** Müşderi tarapyndan karty we onuň maglumatlaryny ulanmak arkaly harytlary (hyzmatlary), şol sanda Internet setinde, tölemek boýunça amala aşyran amaly, munuň özi kartyň töleg limitiniň çäginde şeýle amal boýunça hasaplaşyklary geçirmek boýunça Bankyň üstüne borçnamany ýükleýär.

## 2. Umumy düzgünler

2.1. Şu Düzgünler Sylaglandyrmak Maksatnamasynyň (cash back) amala aşyrylmagy boýunça esasy düzgünleri we ýörelgeleri kesgitleýär.

2.2. Şu Düzgünleriň hereketi olara laýyklykda Sylaglandyrmak Maksatnamasyna (cash back) goşulan Sylaglandyrmak Maksatnamasynyň (cash back) Gatnaşyjylaryna degişlidir.

2.3. Sylaglandyrmak Maksatnamasyna (cash back) Bank tarapyndan goýberilen ýerli töleg ulgamlarynyň Kart Saklaýjylary gatnaşýarlar, muňa karz kartlary, telekeçiler üçin kartlar we "VISA International", "Master card" kartlary degişli däldir.

2.4. Sylaglandyrmak Maksatnamasyna (cash back) her bir Gatnaşyjynyň şu

Düzgünlere girizilýän üýtgetmeler bilen öz wagtynda tanyşmagy üçin Düzgünleriň hereket edýän teksti Bankyň www.tbbank.gov.tm/tm/cashback web sahypasynda ýerleşdirilýär.

2.5. Bank kartyny saklaýjy şu Düzgünlere girizilýän üýtgetmeler we goşmaçalar bilen bankyň resmi internet sahypasyndan özbaşdak tanyşmaga borçludyr. Bank kartyny saklaýjy tarapyndan düzgünleriň üýtgeşme girizilen täze nusgasy güýje girizilenden soňra sylaglandyrmak (cash back) almaga gönükdirilen hereketleriň amala aşyrylmagy, bank kartyny saklaýjynyň düzgünleriň täze nusgasy bilen ylalaşýandygynyň tassyklamasy bolup çykyş edýär.

2.6. Bank Kartynyň Saklaýjysy şu düzgünlere üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegini özbaşdak yzarlamaga borçlanýar. Täze düzedişler bilen berlen Düzgünler güýje girenden soň Bank Kartyny Saklaýjynyň Sylagy (cash back) almak üçin gönükdirilen hereketleri amala aşyrmagy Bank Kartyny Saklaýjynyň Düzgünleriň täze düzedişleri bilen ylalaşýandygyny tassyklaýar.

## 3. Hasaplaşygyň we Sylagy (cash back) tölemegiň tertibi

3.1. Saklaýjynyň Cash back (geçirilen pul serişdelerden yzyna gaýtarmak) sylaglandyrmasyny almaklyga hukugy Söwda hyzmat ediş kärhanasyna harytlar we hyzmatlar üçin nagt däl töleg geçirilen ýagdaýynda döreýär.

3.2. Hasabat döwrüniň netijeleri boýunça Sylagyň (cash back) möçberi her bir Karty Saklaýjynyň Hasabat döwründe ähli hasaplanan Sylaglaryny (cash back) jemlemek arkaly kesgitlenýär, munuň özi hasaplaşyklar üçin Esasy Kartyň ýa-da Goşmaça Kartyň (Kartlaryň) ulanandygyna garamazdan amala aşyrylýar.

3.3. Karty Saklaýja her bir Tranzaksiýa boýunça berilýän Sylagyň (cash back) möçberi Bankyň goşmaça Nyrhnamalarynda bellenen kesgitli möçberlerden ugur almak bilen hasaplanylýar.

3.4. Bank kartyndan Söwda hyzmat ediş kärhanasyna nagt däl görnüşinde geçirilen möçberine hasaplanylan Cash back (geçirilen pul serişdelerden yzyna gaýtarmak) sylaglandyrma onluk teňňä çenli az tarapyna tegelenip alynar.

3.5. Cash back (geçirilen pul serişdelerden yzyna gaýtarmak) sylaglandyrmagyň möçberi bank tarapyndan hasaplananda, hasabat döwründe kart önümini ulanyjynyň kartyndan SHEK-ler bilen düzgünnamanyň birinji goşundysynda beýan edilen ugurlar boýunça geçirilen amallaryň möçberinden ugur alynýar.

3.6. Tranzaksiýalaryň möçberleri öň Karty ýa-da onuň Rekwizitlerini ulanmak arkaly tölenen, belli bir Hasabat döwrüniň dowamynda Hasap boýunça görkezilen, SHEK-de satyn alnan harydy yzyna gaýtarmak boýunça amallaryň möçberine barabar kiçelýär.

3.7. Sylaglandyrmak (cash back) hasaplananda Hasabat döwrüniň dowamynda Hasap boýunça görkezilen çykdajy amallary hasaba alynýar, muňa şu Düzgünleriň 3.17 bendinde görkezilen amallar girmeýärler.

3.8. Bank tarapyndan Cash back (geçirilen pul serişdelerden yzyna gaýtarmak)

sylaglandyrmagy hasaplamagy her bir amal boýunça aýratynlykda amala aşyrmaýar.

3.9. Her bir Bank Kartynyň Saklaýjysy Bankyň bank kartlaryny goýbermek, olara hyzmat etmek we olary ulanmak Şertlerine (bank hasabyny açmak, bank kartlaryny goýbermek we olara hyzmat etmek hakynda şertnama) (mundan beýläk - Şertler) goşulmak arkaly Sylaglandyrmak (cashback) Maksatnamasyna goşulmaga we Sylaglandyrmak (cash back) almaga haklydyr.

3.10. Sylaglandyrmak (cash back) möçberi milli pulda (türkmen manadynda) hasaplanylýar.

3.11. Sylagy (cash back) geçirmek her hasabat aýyň dowamynda kart hasapdan geçirilen nagt däl amaldan hasaplanylyp, hasabat döwrüniň yzyndan gelýän aýyň 5 (bäş) iş gününden gijä galmazdan Müşderiniň kart hasabyna nagt däl görnüşinde amala aşyrylýar.

3.12. Eger hasaplaşyk ýa-da Sylaglandyrmak (cash back) töleginiň gününe Hasap ýapylsa, onda Karty Saklaýjy Sylaglandyrmak (cash back) Maksatnamasynyň çäklerinde berilýän Sylagdan (cash back) ýüz öwürdi diýlip hasaplanylýar. Şu ýagdaýda Sylaglandyrmak (cash back) hasaplamaga we geçirmäge degişli däldir .

3.13. Karty Saklaýjynyň Sylagyň (cash back) tölegi boýunça islendik şikaýatlaryna diňe Karty Saklaýjy pulhana tölegnamasyny we (ýa-da) Karty Saklaýjynyň şu Düzgünler berjaý edýändigini tassyklaýan başga resminamany beren ýagdaýynda Bank tarapyndan seretmäge degişlidir.

3.14. Çykdajy amallarynyň käbir toparlarynyň beýany şu Düzgünlere 1-nji Goşundyda beýan edilýär.

3.15. Çykdajy amallarynyň toparlary Bank tarapyndan MCC (harytlaryň topary) boýunça kesgitlenýär. MCC sanawy Bank tarapyndan özbaşdak kesgitlenýär we ol Müşderä öňünden habar bermezden Bank tarapyndan bir taraplaýyn tertipde üýtgedilip bilner. Bank MCC barada özüne nädogry maglumatlaryň berilmegine jogapkärçilik çekmeýär.

3.16. Sylaglandyrmak (cash back) hasaplananda şu aşakdaky çykdajy amallary hasaba alynmaýar:

a) öz-özüňe hyzmat ediş enjamlaryndan, bankomatlardan we töleg-maglumat terminallaryndan (MCC** 6012, 6028 ýa-da MCC 4900) geçirilýän amallar;

b) internet-bank, elektron söwda, mobil-bank ulgamlaryny ulanmak arkaly geçirilýän amallar;

ç) P2P-geçirim hyzmatyny ulanmak arkaly geçirilýän amallar;

d) elektron gapjyklara pul geçirmek hyzmatlary arkaly geçirilýän amallar;

e) nagt pul serişdelerini bermek boýunça amallar (MCC 6010, 6011);

f) guramaçylykly oýun jaýlarynda oýuna gatnaşmak üçin goýulýan pullaryň tölegi, şol sanda Internet arkaly tölegler (PARI / trek / kazino / LOTO) (MCC 7995);

g) MCC 9311 (salgyt tölegleri), MCC 9399 (döwlet hyzmatlary) ulanmak arkaly geçirilýän amallar, poçta hyzmatlary (MCC 9402), emläge baha kesmek hyzmaty (MCC

8999);

h) bankyň garaýşyna görä, ynsaply we kanuny töleg ulgamyndan kezapçylykly ýa-da şoňa meňzeş häsiýetli peýdalanylan ýagdaýynda (ýagny Müşderiniň öz kartynyň amallaryndan hyýanatçylykly peýdalanmagyna gönükdirilen hereketleri).

## 4. Beýleki şertler

4.1. Bank öz başlangyjy boýunça islendik wagt birtaraplaýyn tertipde Sylaglandyrmak Maksatnamasynyň (cash back) amala aşyrylmagyny dolulygyna ýa-da aýry-aýry toparlar babatda wagtlaýyn togtatmaga we/ýa-da bes etmäge haklydyr. Sylaglandyrmak Maksatnamasynyň (cash back) amala aşyrylmagyny şular ýaly wagtlaýyn togtatmak/bes etmek barada maglumatlar Bankyň saýtynda SHEK-niň täzelenen sanawyny ýerleşdirmek arkaly Sylaglandyrmak Maksatnamasynyň (cash back) çak edilýän wagtlaýyn togtadylýan/bes edilýän senesine çenli azyndan 3 senenama gün öňünden Karty Saklaýjylaryň dykgatyna ýetirilýär .

4.2. Şu Düzgünleriň 4.1 bendinde görkezilen möhletiň dowamynda wagtlaýyn togtadylan/bes edilen senesine çenli amala aşyrylan Tranzaksiýalaryň netijeleri boýunça Sylaglandyrmak (cash back) hasaplanylýar, şeýle hem Sylagyň (cash back) tölenmegi dowam etdirilýär.

**Düzgünlere 1-nji Goşundy**

## Toparlaryň beýany

| Toparlar | MCC | Toparlaryň gysgaça beýany |
|---|---|---|
| Awtomobil | 4121, 5013, 5511, 5521, 5531 - 5533, 5551, 5561, 5571, 5592, 5598, 5599, 5935, 7511- 7513, 7519, 7523, 7524, 7531, 7534, 7535, 7538, 7542, 7549, 8675 | Serwis, awtoýuwalgalar, ätiýaçlyk şaýlar, parking, ulag serişdelerini satyn almak |
| Jaý | 0763, 0780, 1520, 1711, 1731, 1740, 1750, 1761, 1771, 1799, 5021, 5039, 5051, 5111, 5131, 5169, 5193, 5198, 5200, 5211, 5231, 5251, 5261, 5299, 5712-5714, 5718, 5719, 5734, 5817, 5971, 5978, 5992, 5996, 6513, 7210, 7211, 7216, 7217, 7342, 7349, 7623, 7641, 7692, 9751, 9753 | Gurluşyk dükanlary, santehnika, mebel, bag dükanlary, öý üçin harytlar, abatlaýyş guramalarynyň işleriniň tölegi |
| Iýmit we iýmit önümleri | 5199, 5309, 5311, 5331, 5411, 5422, 5441, 5451, 5462, 5499, 5811 | Iýmit önümleri supermarketleri we dükanlary, uniwersal dükanlar, Duty Free dükanlary |
| Satyn almalar | 4812, 4813, 5044-5046, 5065, 5072, 5074, 5094, 5099, 5137, 5139, 5172, 5310, 5611, 5621, 5631, 5651, 5661, 5681, 5691, 5697 - 5699, 5722, 5732, 5931, 5944, 5948, 5950, 5977, 5997, 5999, 7251, 7278, 7296, 7379, 7394, 7622, 7629 | Egin-eşik, aýakgap, durmuş tehnikasy, kompýuter we sanly tehnika, kosmetika, sagatlar we zergärlik önümleri |
| Syýahatlar | 3000 - 4000, 4011, 4111, 4112, 4131, 4411, 4457, 4468, 4784, 4789, 4511, 4582, 4722, 4723, 4761, 5962, 7011, 7012, 7991 | Uçar we demir ýol petekleri, paromlar, myhmanhanalar, oteller, özüň sürmek üçin kireýine maşynlar (awtoprokat), syýahatçylyk hyzmatlary, jemgyýetçilik ulaglary |

| | | |
|---|---|---|
| Dyns alyş we güýmenjeler | 5735, 5812-5816, 5921, 5932, 5937, 5946, 5947, 5949, 5972, 5973, 5993, 7221, 7332, 7333, 7338, 7395, 7829, 7832, 7841, 7922, 7929, 7993, 7994, 7996 | Restoranlar, barlar, kafe, kinoteatrlar, teatrlar, sergiler, muzeýler, attraksion seýilgähleri |
| Maşgala we şahsy çykdajylar | 0742, 4119, 5047, 5122, 5192, 5641, 5733, 5818, 5912, 5942-5945, 5975, 5976, 5995, 7230, 7297, 7298, 7631, 7911, 7998, 7999, 8011, 8021, 8031, 8041 - 8044, 8049, 8050, 8062, 8071, 8099, 8211, 8220, 8241, 8244, 8249, 8299, 8351, 8734 | Çagalar harytlary, okuw tölegi, gözellik salonlary, saglyk merkezleri, dermanhanalar, zooharytlar |
| Sport | 5655, 5940, 5941, 7032, 7033, 7932, 7933, 7941, 7992, 7997 | Ýöriteleşdirilen dükanlardan satyn alnan sport we işjeň dynç alyş üçin harytlar. |